# Serimsal

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Serimsal SERIMSAL

Gujagymda arzuw kölüne çümdüň…
Soň bir gün toýuňda boldum tamada.
Doljak bolup durkaň başga gujaga,
Saňa bagt arzuwladym ýene-de.

Gideňsoňam, bu armanly söýginiň
Ýasyn ýüregimde göterip ýörmän,
Gujagyna girdim başga Leýliniň,
Şeýledir-dä diýdim ykbaldan perman.

Şeýledir-dä diýip ykbaldan perman,
Ol söýgi bilenem hoşlaşdym bir gün.
Bir ömürde bormy munça-da gurban?!
Sebäbine şindem düşünmän ýörün.

Aý, onsoňam, sebäbini seljerip
Ýörmäge elimem degenok meniň.
Üçünjiň gaşynda durun derjigip
(Şu beri özüme bormuka gelin?!).

Soňun görüp gelen barmy diýsene!
Belki bu söýginem gidärin bir gün.
Bir ömürde bormy munça-da söýgi?!
Sebäbine şindem düşünmän ýörün…

Men ýöne muňa däl, başga bir zada
Ýatsam-tursam asla çatanok aklym.
“Söýgi birdir” diýip ýazardym käte,
Ýöne özüm olaň näçesin tapdym?

Ýa-da ýene näçesini taparyn,
Birinimi, üçüsinmi, bäşisin?
Ýaşasyn, dünýäde söýüp birini,

Şoň bilen birigen ykbal ýaşasyn!

Mendemi ýa söýgüdemi bilmedim
Bu bolýan işlerde günäň ulusy.
Goýun görgülide günä barmy nä
Elinde durmasa dogran guzusy?!

“Ýazgydyň şeýledir” diýýär oglanlar,
Ýüzüne tüýkürýän beýle ýazgydyň.
Oýnap ýörjek bolsa şu günden şeýläk,
Ýazgyt maňa birje günem ýazmasyn.

…Maňa anyk salgy beriň, nirede,
Maňlaýyňda şonuň ady bar diýlen.
…Soň bir gün duluma geçrip goýanym
Ellerimden gitmese-de razy men. Goşgular